# Giñ dünýäniñ dowamy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Giñ dünýäniñ dowamy GIÑ DÜNÝÄNIÑ DOWAMY



Altyn-kümüşiñe gyzmadym dünýä,
Maña akyl-paýhas, şirin zyban ber.
Muhabbet gulpunyñ açary nirde,
Aşyklaryñ piri ~ Ýusup pygamber?!
Göwnüm gökde bolsa ~ meñ pälim pesdir,
Ýüregime girdi dünýäñ owazy.
Many ummanyndan özümi tapdym,

Belki, menem giñ dünýäniñ dowamy.

Aşyk boldum bu zemine, asmana,
Bagdadyñ ýazyndan habar ber durnam.
Maña gözün gypýan tylla ýyldyzlar,
Sizden gelýän ýagty kalbyma ornan.

Men «Meni götersem» diýýän kä halat,
Görünmän gezmegiñ hiç ýok höziri.
Hak nazary siñip ykbal şa bolsa,
Bolsam onuñ bir akylly weziri.

Yşk ýurduna soltan saýan serkerdäm,
Señ nuruñdan ýagtylyp dur raýatyñ.
Dergähiñe barýan ýoly taparyn,
Saña bagly meñ barlygym-haýatym. Goşgular